**Mekdep okuwçylarynyň ýazky dynç alyş günlerine gabat gelen medeni çäre Russiýa Federasiýasynyň Medeniýet ministrliginiň, Türkmenistandaky ilçihanasynyň hem-de ýurdumyzyň Medeniýet ministrliginiň ýardam bermegi bilen «ROSKINO» döwlet guramasy tarapyndan guraldy. Festiwalyň maksatnamasyna maşgala bolup görmäge niýetlenen, soňky ýyllarda surata düşürilen iň gowy filmleriň 4-si girizildi.**

Medeni çäräniň çäklerinde tomaşaçylar köpçüligine täsirli filmleriň ýene-de birnäçesi görkezildi. Olaryň hatarynda Alekseý Tolstoýyň meşhur ertekisi esasynda surata düşürilen, režissýor Igor Woloşiniň şu ýyl çykan «Buratino» atly aýdym-sazly we fantastika äheňindäki filmi (dowamlylygy 102 minut), režissýor Maksim Wolkowyň geçen ýylda ekrana çykan «Doktor Dinozawrow» atly animasiýa filmi (dowamlylygy 80 minut) bar. Bu eser mekdep okuwçysy Fil Dinozawrowyň we onuň kakasy — paýhasly Doktoryň gadymy mezozoý eýýamyna (dinozawrlaryň döwri) syýahat edişi, täsirli başdangeçirmeleri barada gürrüň berýär.

Kino muşdaklary üçin taýýarlanan ýene bir täsirli eser režissýorlar Aleksandr Babaýewiň we Wasiliý Rowenskiniň geçen ýylda surata düşüren «Gnomlaryň hazynalary» atly başdangeçirmelerden doly maşgala filmidir (dowamlylygy 100 minut). Bu komediýada baş gahryman Romanyň jadyly girdenekleri miras alyp, olaryň kömegi bilen hazyna gözlegine çykyşy teswirlenýär. Mundan başga-da, rus halk ertekisiniň häzirki zaman äheňindäki görnüşi bolan, režissýor Aleksandr Amirowyň geçen ýylda çykaran «Şagyzy-gurbaga» atly filmi hem maşgala bolup görmäge niýetlenendir (dowamlylygy 90 minut). Bu filmde Walentina Lýapinanyň, Aleksandr Metýolkiniň we Nikita Kologriwynyň keşpleri janlandyrmagynda hakyky bagta gowuşmak ugrundaky göreş şu günki günüň täsin wakalary bilen utgaşdyrylyp beýan edilýär.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 08.05.2026